**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna**
на 1 июля 2025 года
as of July 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content

## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

**TÜRKMENISTAN BILEN AZIÝA ÖSÜŞ BANKYNYŇ ARASYNDAKY HYZMATDAŞLYGYŇ 25 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANAN TEGELEK STOL MASLAHATY GEÇIRILDI** — 3

**«ZENAN ZYNATY - GÖZELLIGIŇ SUNGATY» ATLY DABARALY MASLAHAT WE SERGI GEÇIRILDI** — 5

## SELJERIŞ MAKALALARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**HUSUSYÝETÇILIK WE MAÝA GOÝUMLAR** — 6

**DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRMAKDA TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKYNYŇ TUTÝAN ORNY** — 8

**YLYMA DAÝANÝAN YKDYSADY ÖZGERTMELER** — 11

**MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ ÖSÜŞI** — 14

**BANK HÜNÄRMENLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAKDA ÖŇDE GOÝLAN WEZIPELER WE ÝETILEN SEPGITLER** — 17

**DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE MAÝA GOÝUMLARYŇ ORNY** — 20

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN — 22

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES — 24

# TÜRKMENISTAN BILEN AZIÝA ÖSÜŞ BANKYNYŇ ARASYNDAKY HYZMATDAŞLYGYŇ 25 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANAN TEGELEK STOL MASLAHATY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 24-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň binasynda Türkmenistan bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 25 ýyllygyna bagyşlanan tegelek stol görnüşinde maslahat geçirildi.

Tegelek stol maslahatyna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, bank ulgamynyň ýolbaşçylary, Aziýa ösüş bankynyň Günorta, Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça wise-prezidenti Ýan Inmininiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet, şeýle hem maliýe we ykdysadyýet, şeýle hem beýleki ugurdaş pudaklaryň bilermenleri gatnaşdylar.



Çäräniň açylyş bölüminde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Hojamyrat Geldimyradow Türkmenistan bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky 25 ýyllyk hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini belläp, onuň ýurduň ösüşine we ykdysadyýetiň güýçlenmegine möhüm goşant goşandygyny aýtdy. Energetika, ulag, şäher gurluşygy we ýurdumyzyň hususy pudagyny berkitmek ýaly hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary bellenildi.

Aziýa ösüş bankynyň Günorta, Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça wise-prezidenti Ýan Inmin öz çykyşynda Aziýa ösüş banky bilen Türkmenistanyň arasyndaky köpýyllyk hyzmatdaşlygyň birek-birege ynanyşmak we hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýandygyny nygtady. Şeýle hem, Aşgabatda Türkmenistanyň Prezidenti bilen ýakynda bolan duşuşygyň ähmiýetini aýratyn belledi.

Tegelek stol maslahatynyň dowamynda Aziýa ösüş banky bilen Türkmenistanyň bilelikdäki täze taslamalary barada maglumat berildi. Hususan-da Arkadag şäherinde durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýän taslamalaryň ähmiýeti barada gürrüň edildi. Bu hakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň maý aýynda Arkadag şäherinde Aziýa ösüş bankynyň wekili bilen geçiren duşuşygynda nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, agzalan duşuşygyň çäklerinde gol çekilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamanyň ähmiýeti bellenildi. Resmi-

nama häzirki zaman tehnologiýalar we sanly çözgütler ornaşdyrylan «akylly» hem-de «ýaşyl» şäher konsepsiýalaryna laýyklykda bina edilen Arkadag şäherinde energetika, suw üpjünçiligi, şäher gurluşygy pudaklaryny ösdürmäge, bu babatda zerur bolan tehnologiýalary ornaşdyrmaga, suwy, energiýany tygşytlamaga, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmäge, suwy gaýtadan ulanmaga, bu ugurlarda täze taslamalary işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde öňdebaryjy tejribeleri alyşmak babatda hyzmatdaşlyk etmäge gönükdirilendir.

Maslahata gatnaşyjylar Türkmenistan bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljegini, şol sanda infrastruktura taslamalaryny maliýeleşdirmek, hususy pudagy goldamak, adam maýasyny ösdürmek we durnukly ösüş ýaly ugurlary ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň energiýa pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmaga, demir ýol ulaglaryny döwrebaplaşdyrmaga we Aziýa ösüş bankynyň maliýe we karz hyzmatlarynyň goldawy bilen kiçi we orta kärhanalary ösdürmäge aýratyn üns berildi.

Çykyş edenler ýurduň Aziýa ösüş banky bilen özara gatnaşyklarynyň netijeli häsiýetine ünsi çekip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki wagtda 2024-2028-nji ýyllarda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk Strategiýasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýändigini aýratyn belledikler.

Çäre çärýek asyryň dowamynda Türkmenistan bilen Aziýa ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijelerini jemlemek we geljekde hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemek üçin möhüm meýdança bolup hyzmat etdi. Maslahat tamamlanandan soňra Türkmenistanyň Merkezi Banky bilen Aziýa ösüş bankynyň arasynda Aşgabatda Lukmançylyk orta okuw mekdebini gurmak taslamasyna karz serişdelerini bermek baradaky ylalaşyk Teswirnamasyna gol çekildi.

Bu taslama boýunça Aşgabat şäheriniň çäginde 1000 talyba niýetlenen Lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň we onuň çäginde talyplar üçin umumy ýaşaýyş jaýynyň gurluşygyna 75 million amerikan dollaryna barabar möçberinde karz serişdeleriniň hasabyna hem-de Ýaponiýanyň «Aziýa we Ýuwaş umman sebitiniň durnukly ösüşi üçin Gaznasyndan» 2 million amerikan dollary möçberinde tehniki kömeginiň hasabyna maliýeleşdirmek meýilleşdirilýär.

Taslamanyň durmuşa geçirilmegi saglygy goraýyş edaralarynyň işiniň has-da kämilleşdirilmegine hem-de ýurdumyzda täze iş orunlarynyň döredilmegine öz oňaýly täsirini ýetirer.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

# «ZENAN ZYNATY - GÖZELLIGIŇ SUNGATY» ATLY DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 12-nji iýunynda bank ulgamynda zähmet çekýän zenanlaryň gatnaşmaklarynda ýol-ýörelgämiz bolan ene-mamalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlarymyzy, Ogulabat ejemiziň nusgalyk işlerini wagyz etmek maksady bilen, «Zenan zynaty - gözelligiň sungaty» atly dabaraly maslahat we sergi geçirildi. Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde geçirilen bu maslahat Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň «Halkbank» we «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banklarynyň, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň ilkinji zenanlar guramalary, şeýle hem Türkmenistanyň Zenanlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan gurnaldy. Maslahatyň çäginde türkmen milli däp-dessurlarymyzy, milli lybaslarymyzy açyp görkezýän sergä tomaşa edildi.

Dabaraly maslahatda ýurdumyzda türkmen milli däp-dessurlaryny giňden ýaýmakda döredilýän mümkinçilikler, önümçiligiň ähli pudaklarynda zähmet çekýän, maşgalanyň sütüni, ahlak gözelligiň nusgasy bolan zenanlarymyzyň Watanymyzyň ösüşine goşýan mynasyp goşantlary barada buýsançly çykyşlar boldy. Maslahatyň dowamynda sazandalaryň, tans toparlarynyň ýerine ýetiren sahnalary ýygnananlarda ýakymly täsir galdyrdy.

Dabaranyň ahyrynda milli medeniýetimizi, däp-dessurlarymyzy dünýä ýaýmakda, türkmen halkynyň her bir raýatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini, hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmakda alyp barýan işleri, ýaş nesilleriň sazlaşykly ösmegi, talabalaýyk dynç almagy, dünýä ylmyna aralaşmagy, eneleriň we çagalaryň saglygy baradaky edýän çäksiz aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza bolan çäksiz buýsançlary beýan edildi.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi








## SELJERIŞ MAKALALARY

# HUSUSYÝETÇILIK WE MAÝA GOÝUMLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň maýa goýum syýasaty yzygiderli ösdürilýär. Munuň aýdyň mysalyny şu ýylyň 19-njy martynda paýtagtymyzda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatdan hem görmek bolýar. Onda Gahryman Arkadagymyzyň çuň many-mazmunly çykyşy uly gyzyklanma bilen diňlenildi. Milli Liderimiziň çykyşynda aýratyn üns beren ugurlarynyň biri-de hususy telekeçiligi ösdürmekde maýa goýumlaryň orny bilen bagly boldy.

Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna ynamly we üstünlikli geçýär. Şunda ilkinji nobatda, döwlet eýeçiligi bilen bir hatarda hususy eýeçiligi ösdürmäge-de uly ähmiýet berilýär. Hususyýetçiligiň kömegi bilen, birnäçe durmuş-ykdysady meseleler üstünlikli çözülýär, dürli ugurlarda durnukly ösüş gazanylýar, ýurduň azyk howpsuzlygy üpjün edilýär, goşmaça iş orunlary döredilýär. Ylymda we tehnikada, innowasion tehnologiýalar babatda iň soňky gazanylanlar ähli ulgamlara üstünlikli ornaşdyrylýar. Soňky ýyllarda telekeçiler iri maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga işjeň gatnaşýarlar. Munuň özi bu pudaga uly möçberli, uzak möhlete niýetlenen maýa goýumlary gönükdirmegi talap edýär. Bu bolsa «Maýa goýumlary haýsy çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirmeli?» diýen kanuny sowaly döredýär. Kärhanalaryň hususy serişdeleri, banklar tarapyndan berilýän karzlar we halkara maliýe guramalaryndan çekilýän serişdeler bazar ykdysadyýeti şertinde taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär. Üstünlikli durmuşa geçirilýän maýa goýum syýasaty netijesinde, Türkmenistan Halkara pul gaznasy, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky ýaly abraýly halkara düzümler, öňdebaryjy maliýe we karz edaralarydyr guramalary hem-de agentlikleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar.



Düýpli maýa goýumlary çekmek we netijeli özleşdirmek maýa goýum strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hasaplanýar. Daşary ýurtlardan çekilýän hem-de netijeli özleşdirilýän goýumlar iri möçberli önümçilik toplumlaryny, medeni-durmuş maksatly täze binalary we desgalary gurmaga, ilatyň gündelik bähbitlerine, durmuş abadançylygyny düýpli pugtalandyrmaga gönükdirilýär.

Özara bähbitli, deňhukukly gatnaşyklaryň ýola goýulmagy, milli, sebit hem-de halkara derejeli taslamalara badalga berilmegi ýurdumyzyň geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerini has-da pugtalandyrýar. Soňky ýyllarda maýa goýum işjeňliginiň düýpli artmagy bilen, gaýtadan işleýän pudaklary ösdürmäge uly üns berilýär. Bu ýagdaý önümçilik senagatynyň pudaklaýyn düzüminiň köpdürlüligini emele getirýär. Häzirki wagtda eksporta gönükdirilen we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän, ýerli çig maly gaýtadan işleýän pudaklar, ýagny himiýa, nebit-gaz himiýasy, maşyn gurluşygy, metal işlemek, dokma, azyk senagaty hem-de beýleki pudaklar çalt depginler bilen ösýär. Netijede, senagat önümleriniň möçberi ep-esli artýar. Ýerli önümçiligiň hasabyna

içerki bazaryň azyk önümleri bilen üpjünçiligi ýokarlanýar.

Milli ykdysadyýetiň mundan beýläk-de durnukly ösmegi hususy pudagyň işjeňligi bilen gönüden-göni baglydyr. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän 2025-nji ýylda jemi içerki önümde (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) hususy bölegiň paýyny 71,6 göterime ýetirmek göz öňünde tutuldy. Ösüşiň häzirki derejesinden çen tutulanda, alnyp barylýan netijeli işler bu belent sepgide ýetiljekdigine ynamy artdyrýar. Hususy pudagy ösdürmek boýunça wezipeler «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», şeýle hem kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň döwlet maksatnamalarynda we beýleki resminamalarda anyk kesgitlenendir.

Maýa goýumyň netijeliligini ýokarlandyrmakda aýratyn orun maliýe we bank ulgamyna degişlidir. Bu ulgam tarapyndan maýa goýum işiniň ýerine ýetirilişi bilen bagly toplumlaýyn seljermeler özüniň oňyn netijelerini berýär. Ulanylmadyk mümkinçilikler ýüze çykarylýar. Ahyrky netijede maýa goýumyň durmuş-ykdysady maksatnamalary çözmekdäki orny we ähmiýeti ýokarlanýar.

Ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna, şol sanda maýa goýum işine degişli ylmy maslahatlar we sergiler uly ähmiýete eýedir. Bu babatda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli geçirilen halkara maslahatyň maýa goýum syýasatyny ilerletmekde nobatdaky wajyp ädime öwrülendigini bellemek gerek.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň professory, ykdysady ylymlaryň kandidaty



## SELJERIŞ MAKALALARY

# DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRMAKDA TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKYNYŇ TUTÝAN ORNY

Milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmekde daşary ykdysady gatnaşyklaryň netijeli ugurlar arkaly ilerledilmegine uly orun degişlidir. Bu babatda döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işler özüniň oňyn netijesini berýär. Has takygy daşary ýurtlaryň maliýe düzümleri we kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň özara bähbitli, aýdyň geljegi nazarlaýan esasda alnyp barylmagy, şunda dünýä tejribesiniň özleşdirilmegi, ykdysadyýetiň diwersifikasiýa syýasatynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi umumy ykdysady ösüşi gazanmakda wajyp ähmiýete eýedir.

Häzirki zaman dünýä ykdysady gatnaşyklary özüniň tiz özgerýän häsiýeti bilen tapawutlanýar. Dünýä ykdysadyýeti gündelik ýüze çykýan innowasion özgertmeleriň, tehnologik ösüşiň şertlerinde örän depginli üýtgeşmeleri başdan geçirýär. Bu ägirt uly akymyň yzygiderli özgerýän döwründe ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamy döwrüň talaplaryndan ugur alyp, mümkinçiliklerini günsaýyn artdyrmaga çemeleşýär. Muny soňky ýyllaryň dowamynda maliýe pudagynda daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň barha artýandygy hem äşgär edýär. Şunuň bilen birlikde, bütin dünýäde özara ynanyşmak, dost-doganlyk hem-de parahatçylyk ýörelgelerini






dabaralandyrýan Türkmenistan bilen gatnaşyklaryň artdyrylmagyna bolan gyzyklanma artyp, ýurdumyz ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýokary bahalandyrma eýe bolýar. Bu diňe bir özara hyzmatdaşlykda däl-de, eýsem halkara reýting agentlikleriniň derejesinde hem öz beýanyny tapýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz dünýä jemgyýetçiliginiň ähli ugurlar babatdaky ösüşine laýyk gelýän özgertmeleri tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, raýatlara döredilýän şertlerde döwrebaplyk ýörelgelerinden ugur alynýar. Türkmenistanda durnukly ykdysady ösüşiň çäklerinde ykdysadyýetiň pudaklaryny mundan beýläk hem ösdürmek bilen bagly birnäçe döwlet maksatnamalary, meýilnamalar durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaýyn işleriň çygrynda ýurduň maliýe-bank ulgamynyň hem özboluşly ähmiýete eýe bolup durýandygyny bellemelidiris. Şunda daşary ykdysady ugurda ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegi aýratyn orna eýedir.

Maliýe-bank ulgamynyň ösüşiniň daşary ykdysady gatnaşyklaryň çygrynda giň gerime eýe bolmagy durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işler, aýratyn-da «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeler bilen baglydyr. Bu barada Hormatly Prezidentimiz: «Ýakynda «Fitch Ratings»

agentligi tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna «BB- durnukly» reýting derejesiniň kesgitlenilmegi bolsa ýurdumyzyň maliýe taýdan durnuklylygyny görkezýär» diýip belläp geçdi. Bu hyzmatdaşlyklar daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň möçberiniň ýokarlandyrylmagyna, karz beriş şertleriniň ýönekeýleşdirilmegine, daşary ykdysady işiň has-da ösdürilmegine itergi berýär.

Maliýe guramalary bilen depginli dowam etdirilýän hyzmatdaşlyklaryň hatarynda «Fitch Ratings» halkara agentliginiň ýurdumyza berýän ýokary bahasy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň işjeňliginiň netijelidigine, ygtybarlydygyna, hyzmatdaş hökmünde özara bähbitli gatnaşyklaryň ilerledilmegine ygrarlydygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Bilşimiz ýaly, geçen ýylyň awgustynda Türkmenistan döwletimiz «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi tarapyndan «BB-» derejesinde «durnukly» çaklama bilen ýokary bahalandyrma eýe bolupdy. Bu daşary ykdysady ulgamda örän buýsançly üstünlikdir. Munuň özi halkara daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hyzmatdaşlyk ugurlaryny giňeldýändigini aýdyň görkezýär.

Halkara reýting agentliginiň degişli bahalandyrmasynda bu netijäni gazanmagyň şertleriniň we mümkinçilikleriniň ýokary netijä eýedigi, şeýle-de kuwwatly döwlet balansynyň, uly daşarky ätiýaçlyklaryň bu reýtinge ýetmegi şertlendirýändigi dogrusynda aýdylýar. Ýeri gelende, bu üstünligiň üsti ýene bir täzelik, ýokary bahalandyrma bilen ýetirildi. Golaýda bu halkara reýting agentligi Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna hem daşary ýurt we milli pulunda uzak möhletli karz töleglerini ýerine ýetirmäge ukyplylyk






reýtingini (Issuer Default Ratings) berdi. «Durnukly» çaklama bilen kesgitlenilýän «BB-» derejesi bankyň ýurdumyza berlen reýting bilen gyradeňdigini alamatlandyryp, bu abraýly gurama tarapyndan şeýle ýokary baha eýe bolan ilkinji bank bolmagyny şertlendirdi.

Agentligiň resmi internet sahypasynda giňişleýin beýan edilişi, Türkmenistanyň bu banky goldamaga ukyplylygy ýokary diýlip bahalandyrylýar. Munuň özi ýurduň maliýe durnuklylygynyň ýokary derejesi, döwlet bergisiniň pesligi we uly möçberde daşary ýurt ätiýaçlyk serişdeleriniň bardygy bilen düşündirilýär. Täze bahalandyrma bankyň daşary ýurtlaryň banklary, maliýe düzümleri, guramalardyr kompaniýalar bilen hyzmatdaşlygyny ilerletmeginde täze mümkinçilikleri açýar. Bu dereje bankyň halkara giňişliginde ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ornuny has-da berkitmegine ýardam eder. Ol, ilkinji nobatda, döwletiň banky goldaýandygyny görkezýär, şeýle hem maýa goýumlary çekmek, karz ylalaşyklaryny baglaşmak, taslamalary maliýeleşdirmekde hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak babatda bankyň durnukly ösüşini häsiýetlendirýär.

Türkmenistanyň ykdysady taýdan gülläp ösmegini üpjün etmek maksady bilen, maýa goýum syýasatynyň giň gerimde amala aşyrylmagy maýalaryň halkara bazarlarynda ýurdumyzyň Hökümetiniň wekili hökmünde çykyş edýän Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işleriniň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bank

tarapyndan daşary ýurt karzlaryny çekmekde dürli maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň we özara hereketleriň baý tejribesi toplanyp, onuň döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde netijeli tagallalary edýändigini bellemelidiris.

Soňky ýyllarda Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlarynyň, esasanam Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda bank ýigrimä golaý ýurduň banklarynyň we maliýe guramalarynyň elliden gowragy bilen işjeň hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEC gaznasy we beýlekiler bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Bu bolsa ahyrky netijede maýa goýum işini döwrüň talaplaryndan ugur alyp ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Ýeri gelende nygtasak, häzirki wagta çenli «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi ýurdumyzyň dünýä banklarynyň hataryndaky reýtinginiň birnäçe gezek ýokarlanandygyny tassyklady. Halkara gurama 2021-nji ýylda Türkmenistana «B+» derejesini berip, «durnukly» çaklama bilen bahalandyrypdy. 2023-nji ýylyň awgustynda we geçen ýylyň fewralynda bolsa bu dereje «B+» «oňyn» çaklama bilen, awgustynda «BB-» «durnukly» dereje bilen tassyklanyldy. Nobatdaky gezek Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna berlen bu reýting ýurduň maliýe-bank pudagynyň taryhyndaky özboluşly üstünlik bolup, bankyň halkara hyzmatdaşlyk çygryndaky işjeňligine şaýatlyk edip, öz işini täze ugurlar bilen netijeli dowam etdirmeginde täze şertleri açýar. Geljekde döwlet reýtinginiň ýokarlanmagy bilen, bankyň reýtingi hem ýokarlanar.

Reýting agentligiň hünärmenleri Türkmenistanyň kuwwatly bolan döwlet balansynda uzak möhletleýin öňegidişlige ýetilendigini nygtamak bilen, munuň geljekde hem dowam etdiriljekdigine ynam bildirýärler. Çünki ýurdumyzda maliýe-bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy, hyzmatlaryň amatly ýola goýulmagy, bu ulgamyň işini sanlylaşdyrmaga uly ähmiýet berilmegi ugrunda döredilýän şertler günsaýyn öz oňyn netijelerini berýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän oýlanyşykly döwlet syýasatynyň ýokary üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň şöhlelenmesidir.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy,
ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy

# YLYMA DAÝANÝAN YKDYSADY ÖZGERTMELER

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän düýpli durmuş-ykdysady özgertmeler milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda öz oňyn netijelerini berýär. Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda ykdysadyýetiň durnukly ösüşini kesgitleýän we ösüşiň binýady hökmünde adam maýasyna goýulýan maýa goýumlar durmuş-ykdysady ugurlaryň has-da ilerlemeginde esasy orny eýeleýär.

Bazar ykdysadyýetiniň häzirkizaman şertlerinde maliýe sowatlylygynyň derejesi näçe ýokary boldugyça, halkyň (süýşürintgileriniň möçberi şonça-da artýar) tygşytlamak endigi şonça-da kämilleşýär. Bu hem, öz gezeginde milli ykdysadyýetde maýa goýumlaryň işjeňleşdirilmegine mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, ýurdumyzyň orta mekdeplerinde ýaşlara maliýe sowatlylygy boýunça bilimleriň berilmegi, olaryň aňynda ykdysadyýet barada ilkinji ylmy pikirleriň ösdürilmegine ýardam berýär. Adam maýasyna gönükdirilýän maýalaryň möçberleriniň artdyrylmagy we olaryň hil taýdan kämilleşdirilmegi maýa goýum işiniň netijeliliginde öz beýanyny tapýar. Şol bir wagtda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty, Türkmen döwlet maliýe instituty ýaly ýurdumyzyň ykdysadyýet, maliýe-bank we beýleki ulgamlarynda zähmet çekjek ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýan bilim ojaklarynda döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan, kämil hünärli ykdysatçylar taýýarlanýar. Hut şu nukdaýnazardan, ýurtda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmeginiň we sanly bilim ulgamyna geçmek işiniň özara utgaşyklylykda alnyp barylmagy aýratyn ähmiýete eýedir we iňňän dogry çözgütleriň biridir.

Her ýyl ýurdymyzyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işleriň bäsleşigi geçirilip, 12-nji iýunda Diýarymyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni mynasybetli ol bäsleşigiň jemleri jemlenýär. Şunda ylmyň dürli ugurlary boýunça ýaş alymlarymyz tarapyndan ýazylan ylmy işleriň iň gowulary ýeňiji diýlip yglan edilýär. Şeýle ylmy işleriň arasynda ýaşlar tarapyndan «innowasiýa ykdysadyýeti» ugry boýunça hem birnäçe netijeli ylmy işleriň taýýarlanylmagy, olaryň geljekde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösdürmekde öz goşantlaryny goşjakdyklaryna şaýatlyk edýär.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda hem Ylymlar güni mynasybetli 2025-nji ýylyň 10-njy iýunynda «Bitarap Türkmenistanyň ylym özgertmeleri innowasion ykdysadyýeti ösdürmegiň badalgasydyr» atly maslahat geçirildi. Maslahatyň çäginde institutyň kafedralary tarapyndan ykdysady ugurlar boýunça ylymda, bilimde gazanylan üstünlikleri wasp edýän sergi ýaýbaňlandyryldy.




Guralan serginiň çäginde «Bank işi» kafedrasy tarapyndan «Ylym-bilim-önümçilik arabaglanyşygy» ady bilen guralan sergi özüniň aýratynlygy bilen tapawutlandy. Onda institutyň talyp ýaşlarynyň bank ulgamynyň işine degişlilikdäki bilim alyşlary, okuwlaryny tamamlap, zähmet çekýän hünärmenleriň ol ýerlerde iş alyp baryşlary, husan-da olaryň talyplyk ýyllarynda karz edaralarynda hünär tejribeliklerini geçmekleriniň alan bilimlerini iş ýüzünde özleşdirmäge, ukyp-başarnyk-

laryny açyp görkezmäge edýän oňyn täsirleri baradaky görkezilen işler has-da özüne çekiji boldy. Sanly ulgam arkaly ýörite planşet enjamyň üsti bilen «Onlaýn karzyň» resmileşdirilişi barada bank hünärmeniniň eden çykyşy hem sergä gatnaşyjylarda aýratyn täsir galdyrdy. Şeýle-de okaýan talyp ýaşlaryň okuwda gazanan üstünliklerini wasp edýän, ýagny ýurdumyzda her ýylda geçirilýän Ýaş alymlaryň bäsleşiginde ýeňiji bolan talyp ýaşlaryň we olara









hormatly Prezidentimiz tarapyndan berilen şaserpaýlary, olimpiadalarda üstünlikli çykyş edip gazanan medallarydyr, hormat hatlary serginiň ýörite taýýarlanan sergi tekjelerini has-da baýlaşdyrdy. Çünki diňe ylyma, bilime daýanýan ykdysadyýet kämil, durnukly, uzakmöhletleýin esasda we halkara derejesinde ösmegini dowam edip biler.

Hormatly Prezidentimiziň düýpli durmuş-ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň bank ulgamy möhüm orun eýeleýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

Ýurdumyzda onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilere we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, ykjam töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly döwrebap hyzmatlar ornaşdyryldy.

Döwlet täjirçilik banklary tarapyndan fiziki şahslara internet ulgamynyň üsti bilen halkara «Visa» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny doldurmaga, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş-jaý töleglerini hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin töleglerini onlaýn görnüşinde tölemäge mümkinçilik berýän «Menzilara bank» ulgamy hereket edýär.

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy hereket edýär. Raýatlarymyz «Sanly karz» ulgamyň üsti bilen banka barmazdan, onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň şertlerini öwrenmäge, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, şeýle hem bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini awtomatik görnüşinde kesgitlemäge, karzy ätiýaçlandyrmak maksady bilen karz alýan müşderini ätiýaçlandyryş kärhanasy bilen baglamaga bolan amatly mümkinçiliklere eýe bolýarlar. Bu bolsa raýatlarymyza karz almak bilen bagly wagtlaryny tygşytlamaga, gysga wagtda karzlary resmileşdirmäge doly mümkinçilik berdi.

Sanly ykdysady ösüşi nazarlaýan eziz Diýarymyzyň ylym-bilim, ykdysadyýet, maliýe, bank ulgamyndaky özgertmeler halkara talaplaryna laýyk derejede alnyp barylýar. Bu ugurda zähmet çekjek ýokary bilimli ykdysatçylar bolsa, ýurdumyzyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde ylmyň iň soňky gazanan tehnologiýalaryny peýdalanmak bilen taýýarlanylýar. Bu bolsa, hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzda alnyp barylýan düýpli ykdysady özgertmeleriň toplumlaýyn häsiýete eýedigini doly tassyklaýar.

Halkara hyzmatdaşlygyny barha ilerledýän, ýurdumyzyň halkara ykdysady giňişlikdäki abraýyny belent derejelere çykaran, türkmen ýaşlaryna halkara derejesinde ylym-bilim almaga ähli şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, mertebeleri has-da belent bolsun! Tutýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleri mundan beýläk-de diňe rowaçlyklara beslensin!

**Goçmyrat MYRADOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý., mugallym

**Begmyrat KAKALYÝEW,**
Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe monitoring bölüminiň müdiri

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ ÖSÜŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny ösdürmekde gazanylýan üstünlikler ata Watanymyzyň halkara derejesinde abraý mertebesini has-da belende galdyrýar. Ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän ykdysady strategiýa ösüşiň ylmy taýdan esaslandyrylan hem-de çuňňur oýlanyşykly meýilleşdirilen maksatnamalaryna daýanýar. Milli ykdysadyýetiň özboluşly nusgasy, ilkinji nobatda, halk hojalygynyň ösüşine täsir edýän şertleriň ählitaraplaýyn seljerilip, netijeli çäreleriň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny hem- de durnukly ykdysady ösüşi gazanmakdan, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmekden, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin oňaýly makroykdysady şertleri döretmekden ybarat bolup durýar.

Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, milli ykdysadyýetimize sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetirmek, elektron senagatyny ösdürmek, işewürlige we maglumat- aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, innowasion, ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek bilen baglanyşykly konsepsiýalar we olary durmuşa geçirmek boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamalary tassyklanyldy.

Ykdysady strategiýanyň esasy ugurlary «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» aýdyň şöhlelenýär. Bu strategiýa halk hojalygynyň düýpli özgerdilmegini, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we sanlylaşdyrylmagyny, bazar ykdysadyýetiniň we döwlet kadalaşdyrylyşynyň netijeli sazlaşdyrylmagyny, iň täze tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň önümçilige giňden ornaşdyrylmagyny, ýurduň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmagyny, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Milli ykdysadyýetimizi bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn esasda geçirmek, ýokary maýa goýum işjeňligini üpjün etmek, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny güýçlendirmek, importyň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini artdyrmak, durmuş ulgamlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, adamyň aň-bilim maýasyny ösdürmäge maýa goýumlaryny köpeltmek, döwlet bilen hususy bölegiň hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak babatda ägirt uly işler durmuşa geçirilip, ata Watanymyzyň halkara abraýy barha ýokarlanýar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli gowulanýar.

Hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady strategiýasynda ýurdumyzyň düýpli maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek, makroykdysady we maliýe durnuklylygyny saklamak, ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysadyýete daşary ýurt göni maýa goýumlaryny uly möçberlerde çekmek, senagatda ösen tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan, dürli eýeçilik görnüşlerine daýanyp ösýän önümçilikleri döretmek, dolandyryşyň has kämil, bazar ykdysadyýetiniň özgerýän şertlerine uýgunlaşan usullaryny ulanmak aýratyn ähmiýete eýedir. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylmy taýdan esaslandyrylan öň-



dengörüjilikli syýasatynyň we başlangyçlarynyň netijesinde, ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda halkara standartlaryna laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalary we maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny yzygiderli ornaşdyrmak işleri üstünlikli alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna täze innowasion tehnologiýalary, şol sanda sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak wezipelerini öňe sürýär. Öňde goýlan bu wezipeler maglumat-aragatnaşyk, şol sanda internet hyzmatlarynyň hiliniň we ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagyny, maglumat-aragatnaşyk üpjünçilik ulgamynyň ösdürilmegini, adamyň aň-bilim mümkinçilikleriniň doly derejede ulanylmagyny öňde wezipe edip goýýar.

Sanly ykdysadyýet sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň peýdalanylmagyna esaslanýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, ol wagtyň we harajatlaryň tygşytlanylmagy bilen bir hatarda, girdejileriň täze çeşmelerini ýüze çykarmaga şert döredýär. Sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmegiň çäklerinde maglumatlaryň kiberhowplara garşy goraglylygynyň üpjün edilmegine, şeýle hem düzüm gurluşlarynyň ähli birlikleriniň, maliýe ulgamynyň we döwlet dolandyryşynyň durnuklylygynyň ýokarlandyrylmagyna aýratyn üns berilýär.

Milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetmek, elektron senagatyny döretmek, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürlige we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek – sanly özgertmeleriň dünýä derejesinde ýokary tizlik bilen ýaýraýan döwründe gaýragoýulmasyz meseleler bolup durýar. Ýurduň sanly ykdysadyýete öz wagtynda we üstünlikli geçmeginiň girewi bazaryň barha ösýän talaplaryna laýyk gelýän howpsuz, ygtybarly we bäsdeşlige ukyply maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň üpjünçilik ulgamyny döretmekdir. Ählumumy ýokary tizlikli telearagatnaşyk ulgamlarynyň ähli raýatlar we ykdysadyýetiň pudaklary üçin elýeterli bolmagy göz öňünde tutulýan wezipeleriň amala aşyrylmagynyň esasyny düzýär. Ýurdumyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagy boýunça alnyp barylýan maksada okgunly syýasat ýurdumyzyň milli aragatnaşyk ulgamlaryny innowasion tehnologiýalaryň esasynda ösdürmäge ýardam berýär. «Türkmen Älem 52° E» Milli aragatnaşyk hemrasy ýurdumyzyň ähli çägini ýokary tizlikli internet ulgamy bilen üpjün etmäge, şeýle hem ýokary hilli sanly teleýaýlymlary görkezmäge mümkinçilik döretdi. Häzirki wagtda döwletimiziň tutuş aragatnaşyk tory sanly görnüşe geçirildi.

Türkmenistanyň karz edaralary iri maglumat geçiriş ulgamyna eýe bolup durýar. Şoňa görä-de,

ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Netijede, ýurdumyzyň prosessing merkezinde hasaba alnan bank kartlarynyň, ornaşdyrylan terminallaryň, bankomatlaryň sany, şeýle hem «Internet-bank» we «Mobile-bank» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Bu ulgamlaryň üsti bilen öýjükli aragatnaşyk, internet hyzmaty üçin tölegleri, şeýle hem bank kartlaryndaky we beýleki hasaplardaky serişdeleriň galyndylaryny barlamak hem-de şäher telefon ulgamy hyzmatlary üçin tölegleri, berlen karzlaryň, şol sanda ipoteka karzlarynyň esasy bergilerini we oňa hasaplanan göterimlerini, IP-TV boýunça tölegleri ýaly birnäçe amallary amala aşyrmak mümkinçilikleri döredildi.

Sanly intellektual tehnologiýalaryň özleşdirilmegi bilen, ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetiniň ählumumy sanly ykdysady ulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny gazanmak, halkara önümçilik halkasyna goşulan işewürligiň täze görnüşlerini ösdürmek, durnukly ösüşi üpjün etmekde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň ösüşini üpjün etmek, döwlet dolandyrylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, täze döwrebap iş orunlaryny döretmek hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak bilen bagly wezipeler bellenýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan ösüş-özgerişleriň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Durmuş-ykdysady görkezijileriň ýokarlanmagy halkyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen milli maksatnamalaryň netijeliliginiň görkezijisidir. Halkyň agzybirligi we jebisligi, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli we oýlanyşykly syýasaty Watanymyzyň okgunly ösüşini üpjün edýär. Öňde duran maksatlaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ildeşlerimiziň ýagty ertirlere ynamyny artdyrýar.

Bize şeýle ajaýyp, bagtyýar zamanada ýaşamak, zähmet çekmek, döretmek üçin ähli şertleri döredýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn!

**Maýagözel ATAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň
Amallar bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji





# BANK HÜNÄRMENLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAKDA ÖŇDE GOÝLAN WEZIPELER WE ÝETILEN SEPGITLER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzyň zehinli ýaşlaryny ylymda, bilimde we täze tehnologiýalar boýunça has ähmiýetli we tutumly işlere höweslendirmek maksady bilen, bank ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler maksatnamalaýyn esasda amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady, ylmy-tehniki we ruhy taýdan ösüşi – ylym, bilim we sanly tehnologiýalar ulgamlarynyň kämilligi bilen berk baglanyşykly bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, bank ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek babatda döwlet derejesinde toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär. Muňa «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» şaýatlyk edýär.

Häzirki wagtda bazar ykdysadyýetiniň öňünde adam maýasyny netijeli ulanmak ýaly birnäçe wezipeler goýulýar. Bu wezipelere ýetmek üçin adam resurslary babatynda ýolbaşçylar tarapyndan durmuşa geçirilýän dogry we takyk taýýarlanan işgärler syýasaty zerurdyr. Banklaryň öňünde goýlan maksatlara ýetmegi we bellenen wezipeleri ýerine ýetirmegi işgärler syýasatynyň dogry ýola goýulmagy bilen bagly bolup durýar.

Adam maýasynyň ähmiýetiniň barha artmagy netijesinde bilimiň we önümçiligiň ilerlemeginde subýektiw we obýektiw şertleriň arabaglanşygynyň düýpli özgermegi bilen şertlendirilýär. Islendik guramanyň esasy hereketlendiriji güýji işgärler bolup, onuň netijeliligi esasan hünärmenleriň kärine, hünär taýýarlygyna we onuň işiniň hiline baglydyr. Jemgyýetiň nazary we amaly ösüşi, dünýäniň häzirkizaman çylşyrymlylygy sebäpli, hünär derejesini we onuň hilini yzygiderli ýokarlandyrmak meselesini has wajyplaşdyrýar. Guramanyň alyp barýan işleriniň netijesi bolsa, durmuş we ykdysady ugurlardaky artykmaçlygy, şeýle hem guramanyň zähmet bazaryndaky orny hünärmenleriň kärine, ony netijeli ulanylmagyna we ýerleşdirilmegine baglydyr. Sebäbi ilatyň we döwletiň häzirki talaplaryna hem-de innowasion ykdysadyýeti ösdürmegiň zerurlyklaryna laýyklykda hünär biliminiň maliýe taýdan sowatlylygy we medeni derejesiniň durnukly ýokarlanmagy olaryň tiz özgerýän zähmet şertlerine çalt uýgunlaşmagyny üpjün edýär. Ylmyň we tehnikanyň depginli ösmegi hünärmenlerden şol derejedäki aň we bilim taýýarlygynyň bolmagyny hem talap edýär.

Daşary ýurt tejribesinde adam gorunyň kämilleşmeginiň hünärmenleriň zähmet bäsdeşligine ukybyny artdyrýandygyny aýdyň görkezýär: işgär näçe bilimli hem başarjaň bolsa, onuň ykdysady işjeňligi şonça-da ýokary bolýar, degişlilikde, onuň işsiz galmak töwekgelligi azalýar, ökde hünärmeniň aýlyk haky, wezipe ösüşleri babatynda mümkinçilikleri ýokary bolup, ol hünär taýdan kämilleşmäge hemişe taýýardyr. Bilimi has ýokary hünärmenler ykdysadyýetiň we durmuşyň tiz özgermegine has aňsat öwrenişýärler, täze bilimleri we endikleri çalt özleşdirýärler, ylmy-tehniki progresiň iň täze gazananlary bilen ýakyndan gyzyklanyp, olary özüniň gündeki işine ornaşdyrmaga höwesli bolýarlar. Bu hünärmenler wagtyň talabyna görä, adaty däl ýagdaýlarda tiz oýlanmagy hem dürs netije çykarmagy, islendik işe döredijilikli çemelleşmegi, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda strategiki çözgütleri kabul etmegi, kabul edýän çözgütleri üçin jogapkärçiligi öz üstüne almagy hem başarýarlar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, bank işiniň ýyldan-ýyla özgerýändigini we täze ugurlar boýunça hünärleriň bolmagyna talaplaryň ýüze çykýandygyny nazara almak bilen, bank işinde zerur

bolan hünärleriň sanawyna üýtgetmeler girizilýär we hünärmenlik derejesi boýunça bildirilýän talaplar kesgitlenilýär. Şunuň bilen birlikde, bank hyzmatlarynyň geriminiň giňelmegi, müşderiler bilen işlemegiň täze tilsimatlarynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly işgärleriň hünär öwrenmeklerine we iş başarjaňlygyna hemişe ýokary talaplar bildirilýär.

Bank ulgamynda ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy sanly ykdysadyýet üçin bäsleşige ukyplylygy ýokarlandyrmakdan durmuş derejesini ýokarlandyrmaga çenli köp sanly oňyn netijelere getirýär: bank hyzmatlarynyň hili ýokarlandyrylýar, hyzmatlaryň täze döwrebap görnüşleri döredilýär, netijede harajatlaryň we sarp edilýän gymmatly wagtyň tygşytlanmagyna ýardam berýär.

Maglumat tehnologiýalary, maglumat howpsuzlygy we sanly ykdysadyýet meseleleri boýunça daşary ýurtly bilermenleriň maslahatlaryndan peýdalanmak, tejribe alyşmak, şeýle hem bank ulgamynyň hünärmenleriniň bilim derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen, okuw maslahatlary, tegelek stollar, duşuşyklar şeýle hem magistrlik okuwlary gurnalýar. Mundan başga-da, ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek bilen, bank ulgamynda maglumat tehnologiýalary we maglumat howpsuzlygy ugurlary boýunça täze hünärleri hem açyldy. Muňa mysal edip, Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» myhmanhansynda Türkmenistanyň bank ulgamynyň hünärmenleri üçin okuw meýilnamasy esasynda okuwlar geçirilýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň hünäri ýokarlandyryş bölüminde bank hünärmenleri okadylyp, bilim derejeleri hem ýokarlandyrylýar. Şeýle hem, Türkmenistanyň milli manat baýramçylygy mynasybetli ýurdumyzyň bank ulgamynda zehinli ýaşlary saýlap seçmek, ökde hünärmenleri ýüze çykarmak we olaryň hünär taýýarlygyny artdyrmak maksady bilen, ýurt we welaýat derejesinde çäreler gurnalýar.

Işgärler syýasatynyň esasy ugurlary hünärmenleriň hünär derejelerini yzygiderli kämilleşdirmekden, ýokary hünärli hünärmenleri saýlap-seçip almagyň netijeli usullaryny ornaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. Banklarda işleýän hem-de işe kabul edilýän her bir hünärmeniň bilim derejesiniň ýokary bolmagy hem-de öz eýeleýän wezipesine biliminiň gabat gelmegi gazanylýar, işgäriň hünär ukybyny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin işgärlere baha bermek we synag geçirmek düzgünleri kämilleşdirilýär.

Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Merkezi bankynda we täjirçilik banklarynda synag we söhbetdeşlik geçirmek işi yzygiderli amala aşyrylýar. Bank işgärleriniň bilim derejesini ýokarlandyrmak, täze başarnyklaryny gazanmak, hünär endiklerini we bilimlerini ösdürmek üçin köp sanly ykdysady okuwlar we seminarlar yzygiderli gurnalýar. Bu okuwlar bank ulgamynda maglumat tehnologiýalary, bank amallaryň elektron dolanşygyna girizilmegi, bank hyzmatlarynyň sanlaşdyrylmagy ýaly dürli ugurlary öz içine alýar. Bular öz gezeginde banklarda ulanylýan häzirkizaman tehnologiýalaryny ornaşdyrýar we işgärlere olar bilen işlemek endiklerini ösdürmäge kömek edýär. Sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, internet çeşmelerine elýeterliligi – bu hem islendik işde milli we halkara derejesinde bilelikde işlemek üçin şert döredýär.

Bank işgärleriniň hünär kämilligi işgärleriň okuwlara we hünär okuwlaryna gatnaşmaklaryny guramak arkaly üpjün edilýär. Bank işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmakda halkara maliýe guramalary, daşary ýurtlaryň merkezi banklary, beýleki iri daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Banklar tarapyndan her ýylda başarnygy we hünär ussatlygy boýunça tejribeli hünärmenleriň ätiýaçlygy düzülýär.

Bank ulgamynyň hünärmenlerini taýýarlamak dürli mowzuklar boýunça okuwlary gura-

mak arkaly olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Hünärmenleriň zehin aýratynlyklaryny has-da artdyrmak boýunça ýerli we halkara maslahatlara, seminarlara, duşuşyklara, magistrlik okuwlara gatnaşmak hem-de Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, her ýylda geçirilýän ylmy işler boýunça bäsleşigine gatnaşmaga uly mümkinçilikler döredilýär. Şeýlelik bilen, bank ulgamynda häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe hünär taýýarlygyny netijeli ulanmak we gowulandyrmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Mundan başga-da baha beriş kadalaryny gowulandyrmak, ökde hünärmenleri ýüze çykarmak we ösdürmek boýunça işler geçirilýär. Dalaşgäriň başarnykly saýlanmagy – ýokary hilli işde möhüm wezipe bolup durýar. Bu ugurda banklar tarapyndan alnyp barylýan işlere mysal hökmünde sanly ulgam arkaly hünärmenler bilen söhbetdeşlikleriň geçirilmegini, halkara okuw maslahatlaryna gatnaşylmagyny, şeýle hem halkara maliýe guramalary, daşary ýurtlaryň merkezi we beýleki iri banklary bilen hyzmatdaşlyklaryň alnyp barylmagyny görkezmek bolar. Bularyň esasy maksady – hünärmene bir meselä dürli tarapdan seretmegi, ýagny ýagdaýa umuman düşünmegi öwretmek we ýagdaýlary hemmetaraplaýyn seljermek bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda güýçli hünärmenleri ýüze çykarmak, işgärleriň taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmak, mäkäm we has tejribeli işgär düzümini döretmek, tehnologiýalara eýe bolan ýokary derejeli hünärmenleri ýetişdirmek ýaly wezipeleriň çözülmegi, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny we innowasion ösüşini gazanmakda oňyn täsirini ýetirer.

Bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň, täzeçil hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň ösüşleriň döwrebaplylygyny üpjün edýär. Bu hem öz gezeginde adam maýasynyň döwrebap ösüşine, onuň netijeli zähmet çekmegine, hünär ussatlygynyň ýokarlanmagyna şertleriň döredilmegi esasynda döwrebap maksatnamalardan we konsepsiýalardan ugur alnyp, ylym-bilim bilen durmuş tejribesiniň baglanyşygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen işleriň alnyp barylýandygy geljekki ösüşlere uly ynam döredýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, geçirilen özgertmeleriň ählisi ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, milli ykdysadyýete sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, döwletimiziň dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir. Türkmen halkyna bagtyýar we abadan durmuşy peşgeş beren Hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolup, Watan üçin, halk üçin edýän ähli beýik işleri hemişe rowaç alsyn!

**Gülaýym ŞÜKÜROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Işgärler syýasaty müdirliginiň Işgärler
bilen işlemek bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE MAÝA GOÝUMLARYŇ ORNY

Türkmenistanyň ykdysady syýasaty ýurdy innowasiýa taýdan ösdürmäge, güýçli senagat kuwwatyny döretmäge we onuň pudaklaýyn düzümini giňeltmäge gönükdirilendir. Häzirki zaman bazar düzümi bar bolan we durnukly ösüş depginlerini gazanmaga gözükdirilen ýokary netijeli ykdysadyýeti ýokary hilli we tapgyrlaýyn kemala getirmek Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolup durýar. Ýurdumyzyň erkin bazar gatnaşyklaryna geçmegiň häzirki möhüm tapgyrynda milli ykdysadyýetimiziň öňünde hil taýdan täze wezipeler durýar.

Milli ykdysadyýetimizi gysga, orta we uzak möhletleýin ösdürmegiň çäklerinde ýerine ýetirilmeli işleriň tutuş bir toplumy ýagny, milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän maglumatlara esaslanyp, döwlet tarapyndan berilýän maliýe mümkinçiliklerinden ýerlikli we netijeli peýdalanmak, şol bir wagtda söwda we hyzmatlar ulgamynda iri maýa goýum işjeňligini artdyrmak, önümleriň täze görnüşlerini kemala getirmek, importyň möçberini azaltmak, dünýäniň ösen döwletleriniň erkin bazarlarynda erkin söwdany guramak, eksporty ýokarlandyrmak wezipesi esasy ugurlar bolup durýar. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi tarapyndan Türkmenistanyň ykdysadyýetine «B» dereje gysga möhletli we «B+durnukly» derejede uzak möhletleýin oňyn görkezijileriň gaýtadan berilmegi daşary ýurtly maýadarlar üçin türkmen ykdysadyýetiniň durnukly bolmagynda galýandygyny aýtmaga mümkinçilik berýär.

Garaşsyz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini gazanmak, ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak, ilatymyzyň durmuş şertlerini, hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» esasy wezipeleri bolup durýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň maddy enjamlaýyn binýady berkidilýär, olara täze tehnologiýalar, öňdebaryjy tejribeler ornaşdyrylýar, çünki milli we dünýä tejribesini öwrenmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, innowasion ösüşi üpjün etmek ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmeginiň baş şerti bolup çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak, sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça işler giňden alnyp barylýar we onuň kanunçylyk binýady hem yzygiderli kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek netijeli ulgamlary ornaşdyrmaga, uzak möhletli ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga şert döredýär, jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga we kämil görnüşlerini ýola goýmaga, durmuş şertlerini gowulandyrmaga hemaýat edýär. Şol sanda, bank ulgamy milli ykdysadyýeti maýa goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde aýratyn orna eýe bolup, bu ulgamyň hem sanlylaşdyrylmagy işewürlik mümkin-






çiliklerini artdyrmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny ösdürmäge, hyzmatlaryň döwrebap görnüşlerini hödürlemäge, harajatlary we wagty tygşytlamaga ýardam bermek bilen halkymyzyň abadan hem-de bagtyýar durmuşda ýaşamagy, yzygiderli ösýän jemgyýetimiziň mundan beýläk-de kämilleşmegi üçin amatly şertleri döredýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ýokary ösüş depgini iri möçberli maýa goýumlaryň üstünlikli çekilmegini we olaryň netijeli özleşdirilmegini talap edýär. Türkmenistanyň 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum maksatnamasynda gysga döwürde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň köpugurlylygyny gazanmaga, Döwlet býujetiniň girdejilerini gaýry çeşmeleriň hasabyna artdyrmaga, çykdajy bölegini maksatlaýyn ulanmaga, şeýle-de milli ykdysadyýetiň pudaklaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň innowasion usullaryny ornaşdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreler göz öňünde tutulýar.

Milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we durnukly ösüşini üpjün etmek üçin maliýe bazarynyň işleýiş mehanizmini we maýa goýum ugruny öwrenmek zerurdyr. Şeýle hem, ýurdumyzyň karz edaralary resmi hasabatlaýyn döwürde milli ykdysadyýete daşarky şertleriň ýetirýän täsiriniň öňüni almak, durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdelerini netijeli ulanmak, hususy kärhanalary, telekeçilik önümçiliklerini ösdürmek, töleg ödeýjilik bilen bagly karzlary yzygiderli bermek, eýeçiligiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalara berilýän maliýe goldawyny, çekilýän erkin serişdeleri ýokarlandyrmak, nagt däl hasaplaşyklaryň göwrümini giňeltmek, milli puluň hümmetini saklamak, bank hyzmatlarynyň ilata elýeterliligini artdyrmak, hyzmatlaryň döwrebap sanly hem-de şol derejede goragly usullaryny ornaşdyrmak çärelerini öz içine alýar.

Bu maksatnamalaýyn çäreleriň giň gerimde, strategik esasda durmuşa geçirilmegi, ilki bilen Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlardan gaýry girdejileri artdyrmak, bazar gatnaşyklaryna, sanly ykdysadyýete doly geçişi üpjün etmek, döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagyny tizleşdirmek, maliýe bazarynyň işleýiş mehanizmini öwrenmek, netijeli maýa goýumlaryny çekmek we başga-da köp sanly oňyn ykdysady ädimleriň ädilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ýurdumuzda üstünlikli durmuşa geçirilýän toplumlaýyn ösüş maksatnamalarynyň, sebitleri we tutuş ýurdumyzy ykdysady taýdan pugtalandyrmaga gönükdirilen gysga hem uzak möhletli meýilnamalaryň, köpugurly konsepsiýalaryň bellenen wagtynda amala aşyrylmagy ýetilen sepgitlere dürs baha bermäge, gazanylan netijeleri takyk kesgitlemäge, düýpli seljermelere, ylma esaslanýan çaklamalara daýanmak bilen, ýurdumyzyň innowasiýa esasda durnukly ykdysady ösüşini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Ýurdumyzyň mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösüşine, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilen iri maýa goýum maksatnamalaryň we taslamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy halkymyzy Watanymyzyň gülläp ösmeginiň we durnukly ösüşini üpjün etmegiň bähbidine täze sepgitlere ýetmäge ruhlandyrýar.

**Selbi HOJAKOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Daşoguz welaýat şahamçasynyň Işgärler bilen işlemek bölüminiň hünärmeni,
ilkinji zenanlar guramasynyň işjeň agzasy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2025 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of July 1, 2025




### 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2025 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of July 1, 2025




### 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июля 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of July 1, 2025




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№6
2025

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2025 года
Authorized capital size as of 1 July 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июля 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 July 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
## Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.07.2024 | 01.01.2025 | 01.07.2025 | 01.07.2025<br>01.01.2025-e,<br>%-de | 01.07.2025<br>01.07.2024-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | **7 266 679** | **7 675 485** | **7 934 681** | *103,4* | *109,2* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **8 410,75** | **8 408,50** | **8 445,75** | *100,4* | *100,4* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7227,49** | **7432,33** | **7511,69** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **21148,42** | **16997,27** | **13224,71** | *77,8* | *62,5* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **88 756,64** | **92 135,71** | **90 953,09** | *98,7* | *102,5* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **44 367,79** | **40 178,70** | **36 290,23** | *90,3* | *81,8* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2025 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of July 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2025 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of July 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **3** | **3** | **4** | **10** | **2** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2025 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of July 1, 2025

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 723 352,7 | 36,3 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 877 769,8 | 25,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 37,9 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,00 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 511 693,6** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2025-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri

Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июне 2025 года

Interest rates declared at the credit auction of CBT in June, 2025

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов<br>Terms of credits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года<br>Up to 1 year | 5,0 % |

## 2025-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri

Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в июне 2025 года

Interest rates declared at the deposit auction of CBT in June, 2025

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов<br>Terms of deposits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц /1 month | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяц /2 month | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца /3 month | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi

Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

Refinance rate of the Central Bank of Turkmenistan

| Hereket eden döwri<br>Период действия<br>Period of validity | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,%<br>Interest rate,% | Esas<br>Основание / Authorizing document |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.125 08.07.1997 |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.196 of 06.08.1998 |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.212 of 03.08.1999 |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.39 of 11.02.2000 |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 161 of 25.05.2000 |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 02.01.2001 |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г.<br>Order of the Central Bank of TurkmenistanNo. 304 of 07.12.2001 |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 23.01.2003 |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 133 of 25.05.2004 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана
Standards for deductions of credit institutions to the required reserves with the Central Bank of Turkmenistan

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата<br>Confirmed date | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов<br>Required Reserves Level | Bellikler<br>Примечания / Notes |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц<br>- for term deposits, accounts in national and foreign currency of legal entities |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц<br>- for other funds in national currency of legal entities |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц<br>- for other funds in foreign currency of legal entities |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>-on term deposits of legal entities in national currency |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
